# Jübimizdäki gan: Kongo halky koltan üçin öldürilýär

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jübimizdäki gan: Kongo halky koltan üçin öldürilýär
JÜBIMIZDÄKI GAN: KONGO HALKY KOLTAN ÜÇIN ÖLDÜRILÝÄR



Akylly telefon we şoňa meňzeş enjamlaryň öndürijileriniň aýtmakdan gaça durýan we syr deýin saklaýan juda möhüm bir zady bar.
Durmuşymyzdaky ýeri gün geçdigisaýy çuňlaşýan tehnologiki enjamlaryň işlemegini üpjün edýän kiçijik komponentler ganly çaknyşyklar, agyr jenaýatlar, gynamalar, zorluk-zulumlar, adam ogurlamalar ýaly san-sajaksyz hadysalaryň bolup geçmegi netijesinde gazanylýar. Bütin şular ýaly gorkunç hadysalaryň otuz ýyla golaý wagt bäri bolup geçýän ýeri bolsa baý magdan

ýataklaryna eýe bolan Kongo Demokratik Respublikasydyr.
Jemi gymmaty 24 trillion dollara barabardygy çak edilýän koltan (kolumbit-tantalit), kobalt, sink, galaýy, altyn, almaz ýaly gymmatly metallaryñ bolan Kongo Demokratik Respublikasy (KDR) garaşylyşynyñ tersine, bu baýlykdan peýdalanmagyñ deregne agyr jebri-jepalara sezewar bolýar.
San-sajaksyz adam hukuklarynyñ bozulmalaryna garşy göreşmeli bolýan Kongo dünýäniñ habar beriş serişdelerinde-de seýrek agzalýar.
Bikanun ýaragly toparlar zor bilen işledilýän şahtýorlara agyr salgytlar salýar, aýal-gyzlara rutina bolan jynsy zorluklar edilýär, magdan känlerinde kämillik ýaşyna ýetmedik işçiler işledilýär.
Zähmet şertlerine nägilelik bildirýänler we ýakyn hossarlary duran ýerinde öldürilýär.



**• Dünýä belli markalar tehnologiýalaryna gan bulaşdyrýar**

Ýakynda KDR-nyñ prezidenti Feliks Çisekedi «Apple» kompaniýasynyñ önümleriniñ önümçiliginde Kongodan bikanun ýollar bilen alynýan minerallaryñ ulanylýandygyny aýdyp, tehnologiýa läheñi «Apple»-ni köpçüligiñ öñünde tankyt etdi.
Çisekedi ýurtdaky haosda paýy uly bolan Ruandany-da bu magdanlaryñ bikanun eksportyny añsatlaşdyrmakda aýyplady.
Aslynda mesele täze däl. Mundan on ýyl öñem şu tema orta

atylypdy.
ABŞ-nyň Gymmatbahaly kagyzlar we biržа komissiýasy ABŞ-daky 1200 kompaniýanyň mikroçiplerindäki haýsydyr bir metalyň Kongodaky militaristler tarapyndan gözegçilik edilýän magdan känlerinden gelip-gelmeýändigini mälim etmegi talap edipdi.
Arasynda «Vodafone», «Ford», «Google» ýaly kompaniýalaryňam bolan birnäçe kompaniýa mesele boýunça jogapkärçiligi taşeronlaryň boýnuna oklady.
2019-njy ýylda-da ABŞ-da ýerleşýän Halkara Hak-hukuk talap edijiler guramasy magdan känlerinde işledilýän we ýaramaz zähmet şertleri sebäpli aradan çykan, ýaralanan çagalar üçin we jebir çekenleriň maşgalalarynyň adyndan bäş kompaniýanyň garşysyna arza berdi, emma geçen mart aýynda sud arza seretmekden ýüz öwürdi.
Häzir bolsa KDR «Apple» kompaniýasynyň kanuny wekillerine ýollan hatynda aýratynam «3T minerallary» diýilýän galaýy, koltan, wolfram ýaly mineral komponentleriň alnyşy boýunça hiç zat gizlemezligi talap etdi.
Aýdylyşyna görä bu minerallar KDR-dan ogurlanyp, Ruandada kanuny dolanşyga salynýar, soňam «Apple» ýaly halkara kompaniýalara satylýar.
Millionlarça adamyň öý-öwzaryndan, ýer-ýurdundan jyda düşürilip, Kongodaky çaknyşyklary gorjalaýan, bigünä adamlaryň gany bilen hapalanan bu minerallara «gan minerallary» hem diýilýär.
Uly kompaniýalaryň has arzan bahadan we has köp öndürmegi maksat edinýän elektron enjamlary üçin ömründe bu enjamlary ulanybam görmedik we ulanybam bilmejek adamlar örän agyr şertlerde işlemäge we ýaşamaga mejbur edilýär, göçe zorlanýar, ahtrynda-da ýurtdaky ýaragly çaknyşyklarda wepat bolýar.
Tehnologiýa enjamlaryny satmak üçin afrika halklarynyň gany bilen hapalanan magdanlaryň gözegçiligi ugrundaky uruş has köp gan talap edýär.
Şonsuzam topalaňçy toparlar bu talaby kanagatlandyrmak üçin magdan känleriniň üstündäki gözegçiliklerini artdyrýar, netijede kongo halky has köp süteme sezewar bolýar we has köp adam ölümiň gujagyna iterilýär.

ÝUNISEF-iň berýän maglumatlaryna görä, azyndan kyrk müň sany kämillik ýaşyna ýetmedik oglan-gyz şol ýerlerde bikanun ýagdaýda gul kimin işledilýär.
Eliňe degreňde saglyga juda zyýanly metallar nowça bedenleri kiçijik ýaşda amansyz kesellere duçar edýär.



*Kongo Demokratik Respublikasynyň prezidenti Feliks Çisekedi*

- **Magdançylykdan başga işläre iş ýok**

Koltan magdany Kongoda 200-den gowrak magdan ýatagynda çykarylýar. Emma ýer gabygyna ýakyn ýerde ýerleşýän magdan bolandygy sebäpli, koltanyň agramly bölegi ownuk we hiç bir kompaniýa degişli bolmadyk magdan kärhanalarynda el zähmeti bilenem çykarylýar.
Gün-güzeranyny dolamakda kynçylyk çekýän ýerli halk tarapyndan elden çykarylýan magdançylyk heläkçiliklere ýa-da kesellere garşy öňüni alyş çäreleri geçirilmezden, jan howpuzlygy üpjün edilmezden alnyp barylýar.
Döwlet edaralarynyň deregne ýaragly toparlaryň gözegçiligi astyndaky magdançylar günden 1-5 dollar aralygynda pul gazanýar. Bujagaz pul koltanyň ýerindäki bahasynyň 10%-ne hem ýetmeýär.
Esasy girdejini gazanýan ýaragly toparlar koltany käwagt göni, käwagtam Ruandanyň üstünden kanunylaşdyryp, global kompaniýalara satýar.

- **Ruandada kanunylaşdyrylýan koltan**

Kongo bilen deňeşdirende koltan zapaslary has az bolan Ruanda koltan eksportynda Kongo bilen deňe-deň bäsleşýär.
Çünki Kongodaky ýaragly toparlary goldaýandygy aýdylýan Ruanda hökümeti ýurtdaky koltanyň agramly bölegini bikanyn ýollar bilen çykaryp Ýewropa ýurtlaryna satýar.
Ruandanyň köp sanly ýewropa ýurdy tarapyndan goralýandygyny hemmeler bilýär. Hususanam soňky aýlarda Birleşen Korollyk tarapyndan migrantlar üçin «howpsuz ýurt» yglan edilen we ýollanjak migrantlar üçin ep-esli pul sylagyny alan Ruanda beýleki ýewropa ýurtlaryndanam goldaw tapýar.
Ýagny global güýçler we uly kompaniýakar islän magdanlaryny almak üçin Ruandany ulanyp, öz garşylaryna açyljak derňew işleriniň öňüni baglaýar.
Kompaniýalaryň sözde adamzadyň bähbidine öndürýän tehnologiýasyndan böreň-böreň akýan gany gizlemek üçin ellerinden geleni gaýgyrmajaklary belli.
Ine, şonuň üçinem sarp edijiniň oýlanyşykly hereketi, jemgyýetçiligiň bu zatlardan habarly edilmegi we protest demonstrasiýalary muňa garşy göreşiň hilini ýokarlandyryp biler.
Gazada bolup geçýän gandöküşligiň jogapkäri basybalyjy Ysraýyla goldaw berýän firmalaryň we markalaryň dünýä derejesinde boýkot edilmeginiň näderejede adamlaryň gözüni açandygyna şaýatlyk eden häzirki günlerimizde ýene şol oýlanyşyklylykds afrikalylaryň gany bilen hapalanan önümlere garşy gönükdirilen boýkot hem şu bozuk düzgüne «duruň!» diýmek üçin ädiljek uly ädimleriň biri bolar.

- **Çeşmeler**:

https://www.newscientist.com/article/mg22229734-800-blood-minerals-are-electronics-industrys-dirty-secret/
https://www.jstor.org/stable/20787494?read-now=1&seq=2#page_scan_tab_contents




Sare ŞANLY.
Çarşenbe, 22.05.2024 ý. Publisistika